# Ol gylyç – parol

Category: Kitapcy,Publisisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ol gylyç – parol OL GYLYÇ – PAROL



Din işleri ministri Aly Erbaş Çandarly Halyl paşa boljak bolýarmy?
Erdogan munuñ parhyndamyka?
Başlalyñ onda:
Aýasofýa meselesi – hem yslam taryhyny, hem osmanly taryhyny öwrenmek üçin gowy mümkinçilikleri döretdi.
Mysal üçin…
Köşkdäki dindar gatlaklaryñ lideri baş wezir Çandarly Halyl Stambuluñ alynmagyna hemişe garşy çykdy. Gowşak we ýerliksiz hüjüm edijilikli syýasat ýöredýär diýip, eger Mämmet II Stambuly alsa "Fatih" bolup, häkimiýeti doly ele alar öýtdi. Şonuñ üçin ol Mämmet II-niñ güýçsüzligine galyp, aýdan-diýeninden çykmazlygy we şeýmekligiñ hasabyna öz ygtyýarlyklarynyñ mizemezligini saklamagy isledi.
Çandarlynyñ kes-kelläm garşy çykandygyna garamazdan, 1453-nji ýylyñ 6-njy aprelinde Stambul gabawa alyndy. Emma… näçe gün geçse-de, Stambuluñ belent diwarlaryny aşyp bolmady.
Çandarly Diwan toplanşygynda aýak diräp, gabawyñ bes edilse gowy boljakdygyny aýtdy durdy. Şol sanda ol psihologik söweş tilsimini-de ulandy, haçparaz flotiliýasynyñ ýola çykandygy barada myş-myş ýaýratdy. Goşunyñ sussuny basmak üçin elinden gelen pyssy-pyjurlygy gaýgyrmady.
Gapma-garşylyk häkimiýetdäki fraksiýa çekişmesini has-da ýitileşdirdi. Biriniñ başynda Çandarly paşa, beýlekisiniñ başynda Köreken Zaganos paşa bardy.
Stambuluñ alynjakdygyna bolan ynam sarsmaga başlady.

Mämmet II 26-njy maý güni ymykly karara gelmek üçin harby geňeşi toplady. Çandarly ýene pikiriniň arkasynda durdy. Fetihiň tarapdary Zaganos paşa bolsa operasiýanyň dowam etdirilmegini dogry hasaplady.
Ine… Bu toplanşykda Mämmet II (Akşemsetdiniň hatyna görä) özi göwünjeň bolmasa-da, esgerleriň şäheri üç günläp talamagyna rugsat berdi.
Ertesi gün dellallar habary goşuna mälim etdi. Iki günden soňam Stambul alyndy.
Çandarla soň näme bolandyr öýdýäňiz?

## ■ HÄKIMIÝET GARPYŞYGY

Stambul eýelenenden soň Çandarly Halyl paşa wezipesinden boşadyldy. Ýedikule Altyngapy zyndanynda kyrk gün saklandy. 1453-nji ýylyň 10-njy iýunynda gözlerine mil çekilip, ölüm bilen jezalandyryldy, mal-mülki, bar baýlygy döwletiň hasabyna geçirildi.
Çandarlynyň wagşylarça öldürilmegi boýunça dürli düşündirişler bar:
Birinjisi, Mämmet II-niň häkimiýeti ele alandygyny Gapyguly esgerleridir we ulamalaryň arasyndaky Çandarly tarapdarlaryna göz görkezmek islegi. Bu pikiri öňe sürýänleriň pikiriçe, Aýasofýanyň metjide öwrülmeginiň düýp sebäbinde-de dindar gatlagyň arasyndaky Çandarly tarapdarlarynyň göwnüni hoş etmek ýaly meýiller bardy. (Şeýle-de Baýezit II kakasy Fatihiň "öwrülişikçi" tarapdarlaryna garşy dindar gatlagy öz tarapyna çekmek üçin Stambuldaky birgiden buthanany metjide öwürdi, metjit bolan ýerleri halwetiler ýaly tarykatlaryň ygtyýaryna berdi. Şonuň üçin oňa “Weli” lakamy berildi. Baýezit II Çandarlynyň ogly Ybraýym paşany-da baş wezirlige belledi!)
Ikinjisi, Stambuluň eýelenenden soň Çandarlynyň Wizantiýa hökümetine (we onuň emri astyndaky Şazada Orhan Çelebä) ugradan hatlarynyň orta çykmagydy. Häkimiýetdäki ornunyň peselmegini islemedik Çandarly duşman bilen ýaranlyk etmek ýaly ikiýüzli hyýanata-da ýüz urmakdan çekinmändi!
Dillerinde dowamly “eždat” sözüni düşürmeýänleriň osmanlynyň syýasy taryhyny gowy bilýändigine onçakly ynamym ýok. Ýogsam

bolmasa olar Aýasofýada Atatürke dil uzadan Aly Erbaşyñ haýsy taryhy şahsyñ tüýsüne girip hereket edendigini añşyrarlardy!
Ýagdaý şeýle:

## ■ AKLA NÄMELER GELÝÄR

Bu gün Türkiýäniñ üns merkezinde näme bar?
Aýasofýanyñ metjide öwrülmegimi?
Yogsa-da… Din işleri ministri Aly Erbaşyñ Aýasofýa münberinden Atatürke nälet okamasymy? Gürrüñsiz ikinjisi.
AKP häkimiýeti özüne şu sowaly bermeli:
Professor Aly Erbaş ýaly bir alym adam Aýasofýa metjidiniñ açylyş dabarasyna sözlän sözleri bilen näme üçin tegmil sürtdi? Özem:
FETÖ-nyñ Abant toplanşyklarynyñ barsyna diýen ýaly gatnaşan we "Dinlerara dialog" maksatnamasynyñ iñ esasy ýolbaşçylaryndan professor Aly Erbaş münbere gylyçly çykyp, kimlere subliminal yşarat etdi?
“Hristianlykda reforma we protestant taryhy”, “Hristianlykda ybadat” ýaly kitaplaryñ awtory Erbaş Aýasofýanyñ metjide öwrülmesiniñ hristian dünýä üçin nämäni añladýandygyny bilmeýändir öýdýäñizmi?.. Muny gaty gowy bilýän we dinler taryhy boýunça ökde taryhçy Erbaşyñ eli gylyçly münbere çykmagyny nähili düşündirse bolar? Dünýäniñ we aýratynam Russiýanyñ gözüne türk döwletiniñ fetih meýillidigini somlajak bolýarmy?
Häkimiýet sowukganly beýannamalar bilen çykyş edip durka, Erbaş näme üçin içerki we daşarky jemgyýetçilige meçew berjek bolýar?
AKP bu soraglar bilen ýüzleşenok.
Şonuñ üçin olar FETÖ-nyñ ýetişdirip, aralaryna oklan kriptolarynyñ gelejekde gaýyrjak işleri başlaryna iner durar, iner durar…
Gylyçly gürrüñiñ özüne aýratyn söhbet gerek: Nämäniñ paroly? Meselem:
FETÖ esgerleriniñ tabynlygyny görkezmek üçin Fethullah Gülene uçurym gylyçlaryny sowgat edendikleri eýýäm ýatdan çykdymy?

FETÖ üçin “gylyç” 15-nji iýul agdarlyşygynyñ paroly däldimi näme?
Bularyñ hemmesi tötänlikmi?
Erbaş ol gylyjy nireden aldy?
Netijede:
Mämmet II-Çandarly gatnaşygyny duýgular bilen däl-de, akyl bilen analiz etmek gerek.

Soner ÝALÇYN.

"SÖZCÜ" gazeti, 29.07.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Publisistika